# Görmegeý gyza

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Görmegeý gyza GÖRMEGEÝ GYZA




Bu gün muny aýan etdi gül görküň:
Gaýypdan gönderlen arşy Melek sen!
Munda her kim bagta baglajak örkün,
A sen näme gözläp ýörsüň pelekden?!
Edep-haýaň – parlak Tuguň, bilýärin,
Şoň üçin nury sen goşa didämiň,
Kamatyňda ýalňyz bagtym görýärin,
Gözlegim sen, gitseň, ýene idärin.

Aýralyk derdini çekenim gowy,

Gamly günler ýapyşsa-da ýakamdan.
“Hüw-Hak” diýip, ýollar sökenim gowy,
Ýüregmiň emrine garşy çykamdan.

Arzyňy diýmek kyn, uçrasaň yşka,
Arşy Melek, ykbalyma gerek sen!
Bagtymy bagş edýän, sen şondan başga,
Näme gözläp ýörsüň ahyr Pelekden!?

Azymberdi KAKAÝEW. Goşgular